# Jahan urşy turup bilermi?..

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jahan urşy turup bilermi?.. JAHAN URŞY TURUP BILERMI, ŞUNÇA IŞ-ALADAMYZYŇ ARASYNDA ÖLÜP GIDÄÝMELI BORMUKA?



*Russiýa ýadro ýaragyny ulanmaga ýüz uraýarmyka? Bu häzirem kiçi ähtimallyk, ýöne urşuň birinji we ikinji ýylyna garanda has uly*

Makalamyň ady diýseň samsyklaç, bilýärin. Emma ondan has samsyklaç başga bir zat bar. hakykatdanam jahan urşy tutup biler we ýurdumyzda bu ähtimallyga üns berýän adamlaryň sany juda az.

Ýaşaýşyň gymmatlygy we jahan urşy… Çagalaryň okuw tölegi we jahan urşy… Milli ýygyndy futbol toparynyň oýunlary we jahan urşy… Seçil Erzan we jahan urşy… Erdogan-Özel kadalylaşma syýasaty we jahan urşy… “Merjen däneleri” (‘İnci Taneleri”) teleserialynyň Dilberi Hazar Ergüçlüniň gezýän oglany bilen Ispaniýa dynç almaga gidendiginiň gürrüňi we jahan uşy…

Bütin bu deňeşdirmelerde ünsümiz hemişe birinji bölekde eglenýär. Jahan urşuna, atom bombasy howpuna we ölme

ähtimallygyna üns bermelidirem öýdemzok.

- **Diwarda asylgy duran ýaraglar mazaly köpeldi**

Türkiýäniň Daşary işler ministri Hakan Fidan jahan urşy howpunyň bardygyny-ýokdugyny soranlarynda “Meniň pikirimçe, bu senari bilen oýun eder ýal-a bolmady. Hawa, häzir şeýle howp bar” diýipdir.
Serbiýanyň prezidenti Aleksandr Wuçiç ýakynda eden çykyşynda “Üç-dört aýyň dowamynda dünýäde uly çaknyşyk dörär. Un, ýag, şeker ýaly gerekli zatlaryňyzy alyp goýsaňyz gowy bolar” diýipdir.
Menem (Türkiýede Russiýa-Ukraina urşuny ýakyndan synlaýan birnäçe kişi ýaly) köpden bäri urşuň ýaýramagy ähtimallygynyň güýçlenendigini gürrüňini edýärin.
Urşuň ähli aktýorlary bilen aramyz ýakyn: Russiýa we Ukraina bilen goňşy bolup otyrys. Şeýle-de “örän hüşgär” bolandygymyz sebäpli ikisi bilenem şeýle şertlerde uly “harby hyzmatdaşlykda” bolmakdan çekinemzok ABŞ şonsuzam “uly agamyz”. Ýewropa arzuwymyz. Garadeňiz, Ýakyn Gündogar, Balkan ýurtlary… ähli gapma-garşylykly sebitlerde biz bar.
Diňe geografiki ýerleşişimiz bilen däl, ahwalymyz we şu gidişimiz bilenem howpuň orra-ortasynda durus.
Rus ýazyjysy Anton Çehowyň aýdan bir meşhur sözi bar: “Eger perde syrylan badyna diwarda tüpeň asylgy duran bolsa, spektaklyň soňunda hökman atylar” edil häzir brtopar tüpeň, hatda awtomat, top oky, raketalardan ýaňa diwarlarymyzda ýer ýok.




- **Ýadro urşy nähili zat?**

Taryhda ýadro urşy boldumy?

Hawa, boldy. ABŞ 1945-nji ýylyň 6-njy we 9-njy awgustynda Ýaponiýanyň Hirosima we Nagasaki şäherlerine atom bombasyny atdy.
Netije? 200 müňden gowrak şol sekuntda öldi. Radiasiýanyň uzak wagta çeken täsiri bilen ölenleriň we zyýan çekenleriň sany hasam artdy.
Mundan sapak almaly döwletler, iň başynda-da ABŞ-dyr SSSR 1962-nji ýylyň oktýabr aýynda düýpli synagy başda geçirdiler: ABŞ-nyň Türkiýe-de we Italiýada, SSSR-iň bolsa Kubada ýadro raketalaryny ýerleşdirmegi bilen başlan Kuba raketa konflikti agyr hem bolsa çözülipdi.
Soňra ýaragsyzlanma ädimleriniňem ýardamy bilen dünýä beýle howp bilen ýüzbe-ýüz bolmady. Munda aýratynam ruslaryň häzir sögünip adyny tutýan iň soňky sowet lideri M.Gorbaçýowyň tagallalarynyň uly taryhy ähmiýeti bar.
Häzir dünýäde dokuz döwletde ýadro ýaragy bar. Iň köpem Russsiýada, ikinji bolubam ABŞ-da. Bularyň yzynda degişlilikde Hytaý, Fransiýa, Angliýa, Päkistan, Hindistan, Ysraýyl, Demirgazyk Koreýa dur.
Dünýäni telim gezek ýok edip boljak ýadro ýarag üýşmeginiň gürrüňini edýäris. Strategiki ýadro bombalary dünýäniň ýadro katastrofasynyň gyrasyna gelip dirändigini aňladýar. Taktiki ýadro bombalarynyň bolsa bir ýaşaýyş massiwini ýa-da kiçijik şäheri ýok edip biljek derejede güýji bar.




- **Ukraina urşy we Russiýanyň ýadro howpy**

28 aý bäri dowam edip duran Russiýa-Ukraina urşunda soňky

döwürde ýadro howpy artýar.

Urşuň başyndan bäri halkara arenasynda-da, syýasat arenasynda-da güýçlenen, Ýewropany mazaly täsiri astyna alan, Russiýadan boşan energetika bazarlarynda aktiwleşen we iň esasysy-da ýarag önümçilig bilen söwdasyny rekord derejä çykaran ABŞ Kremle “seniň üstün çykmagyňa hiç bir ýagdaýda ýol bermerin” signalyny berýär.

Ukrainanyň bäşden bir bölegine golaýyny eýelän, eýelän ýerlerini-de hiç bir ýagdaýda yzyna bermejekdigini we guk ýanynda NATO-nyň agzasy bolan Ukrainanyň bolmagyna ýol bermejekdigini telim öwran agzan rus hökümeti, ýagdaýlar gaty kynlaşyberse ýadro ýaragyna ýüz urjakdygyny aýdýar.

Ýakynda rus lideri Putin elini bulaýlap: “Ukrainada soňuna çenli gideris, ýeňliş müň ýyllyk rus döwletiniň taryhynyň soňy bolar” diýdi.

Elbetde, bolup biläýjek eglişik, mysal üçin, basylyp alynan käbir ýerleriň yzyna berilmegi, hatda uruş ýeňlişi, müň ýyllyk rus taryhynyň soňy bolmaz. Emma Putin tarapyna uly nyrh kesilip bilner. Ýagny rus lideri ykbalyny we geljegini bu urşa baglanyşdyryp, uruş ençeme ýyllap dowam etse-de, el çekmejekdigini aýdýar.

Ýogsa-da, Russiýa ýadro ýaragyny ulanmaga ýüz uraýarmyka? Bu häzirem kiçi ähtimallyk, ýöne urşuň birinji we ikinji ýylyna garanda has güýçli ähtimallyk bolmagynda galýar.

Kreml Ukrainada ýa-da Günbataryň tarapyny tutýan başga ýurtda taktiki ýadro ýaragyny ulanaýan ýagdaýynda, NATO güýçleriniň güýçli konwensional hüjümine uçrap, örän kyn ýagdaýda galyp biler. Munuň soňy dünýäniň bir böleginiň ýa-da tutuşlygyna ýok bolmagyna getirip biler.

Başga bir ähtimallygam, şunça ýarag bilen oýnalýan arenada tötänleýin ýagdaýda heläkçiligiň bolup geçmegidir, bulam öz gezeginde bilnikli ýa-da bilniksiz tapawudy ýok, ýene şol agyr netijeleri görüp bileris. Ýa-da: Hiç görmänem bileris. Şeýle-de, Hazar Ergüçlüniň gezýän oglany kimkä, bilýänimiz barmy?..



Hakan AKSAÝ.

“T24” internet gazeti, 29.06.2024 ý. Publisisistika